# Bezemen lybas geýen ýigit hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bezemen lybas geýen ýigit hakynda hekaýat BEZEMEN LYBAS GEÝEN ÝIGIT HAKYNDA HEKAÝAT

Bir baý ogly bardy, samsyk, nadandy,
Aňy boşam bolsa, baýlygy kändi.

Bir gün täze lybas geýip egnine,
Müneçjim gojaňka ugrady, ine.

«Daş-a sülgün ýaly bezemen weli,
Içi nähilikä? Barlap göreli…»

Diýip, goja kişi pikir öwürdi,
Ýaňky ýigde oturmagy buýurdy.

Baý oglunyň ýanda ähli zat nagt,
Yzyn üzmän ýaňrap başlady ýigit.

Aňmak kyn: gürrüňi näme hakynda,
It otlan dek, ugur-utga ýok gepinde.

Goja gury ýaňramadan bez boldy,
Ahur oňa şeýle diýip ýüzlendi:

«Ýagşy ýigit saňa aýdaýyn şuny,
Zordan çatýaň iki sözüň başyny.

Seniň bu zer-zerbap bezemen geýmiň,
Gizlänok boşlugňy, örtenok aýbyň.

Gaýyk ugrukmaýar kürek bolmasa,
Sözler boş samandyr derek bolmasa.

Hernäçe gymmatly, bezemen lybas,

Seni nadanlykdan edenok halas.

Eger gabat gelse daşyñ hem içiñ,
Iñ eleşan adam boljakdygyñ çyn».

Terjime eden: Kakabaý GURBANMYRADOW. Goşgular